# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY**

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XV tomlar. – A.: TDNG, 2008 – 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyk – bagtymyz. – A.: TDNG, 2021.

3. *Geldymuhamedowa O.* we başg. Halkara ykdysady gatnaşyklar. – A.: TDNG, 2017.



**Ýeňiş Meredow,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*
**Begmyrat Ataýew,**
*TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# TÜRKMENISTANYŇ TELEKEÇILERINIŇ ÖNDÜRÝÄN HARYTLARYNY DÜNÝÄ BAZARYNA ÇYKARMAKDA MARKETINGIŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň özboluşly ösüş ýoly bolan hususy telekeçilik işiniň gerimini giňeltmek, olary döwlet tarapyndan goldamak işi barha ýaýbaňlandyrylýar. Gahryman Arkadagymyzyň: "Dünýä ykdysadyýetinde emele gelen ýagdaý bilen baglylykda, azyk harytlarynyň ýurdumyzda öndürilýän möçberlerini artdyrmagy dowam etdirmeli. Içerki bazarlary azyk harytlary we ilkinji nobatda, zerur bolan harytlar bilen bolelin üpjün etmeli" diýip belleýşi ýaly, bu ugurda bazar gatnaşyklary şertlerinde öz-özüňi dolandyrmak hem-de netije gazanmak her bir kärhananyň öňde goýan esasy wezipeleriniň biri bolmagynda galýar. Milli ykdysadyýetimiziň hususy ulgamyny ösdürmek, häzirki zamanyň bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda durmuşa geçirilýän çäreler türkmen işewürleriniň öňünde dürli ulgamlarda ýokary netijeleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Häzir ykdysadyýetini bazar gatnaşyklary ýörelgelerinde ýola goýýan ýurdumyzda halk hojalyk toplumynyň bu ulgamyny netijeli we depginli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe, durmuş şertleri döredildi. Munuň özi telekeçiligiň, salgyt ulgamynyň hukuk esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallaryny geçirmegiň, ýer böleklerini bermek düzgüniniň ýönekeýleşdirilmeginde, karz bermek işleriniň ýeňilleşdirilmeginde beýanyny tapýar. Bu çäreler "Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň" çäklerinde ýerine ýetirildi. Şol Maksatnama ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini, Türkmenistanda hususy öndürijileriň işlerini işjeňleşdirmek arkaly durmuş taýdan abadançylygy üpjün etmäge gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiz

Serdar Berdimuhamedow kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça maksatnamalaýyn işleri dowam etdirmegiň, onuň wekillerini halk hojalyk toplumyndaky özgertmeleri durmuşa geçirmäge, kärhanalary döwlet eýeçiliginden aýyrmak işlerine giňden çekmegiň zerurdygyny belleýär.

Ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek, işewür telekeçiligi, täzeçil başlangyçlary höweslendirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak, bilelikdäki kärhanalary we paýdarlar jemgyýetlerini döretmek, ätiýaçlandyryşy, gazna biržasyny hem-de gymmatly kagyzlaryň bazaryny ösdürmek, ähli pudaklarda düýpli özgertmeleri amala aşyrmak ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynda ileri tutulýan ugurlardyr. Bu ugurlar “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” ilkinji nobatdaky wezipeler hökmünde çykyş edýärler. Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň çäklerinde daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligini artdyrmak, ýurdumyzyň eksport harytlarynyň möçberini köpeltmek, elektron senagaty döretmek boýunça maksatnamalar netijeli durmuşa geçirilýär. Eýýäm “Türkmenistanda öndürildi” diýen haryt nyşanly önümler indi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem dünýä ýurtlarynyň söwda nokatlarynyň tekjelerinde islegli harytlara öwrüldi. Munda bazar gatnaşyklary şertlerinde marketing işlerini dogry berjaý etmegiň zerurlygy ýüze çykýar [1, 61 s.].

Häzirki günüň derwaýys talaby, bazar ykdysadyýetinde bazar bilen işlemegiň aýratynlyklaryna, ýagny marketinge üns bermekdir. Halkara hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyny global marketing işi bilen düşündirip bolýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň haryt syýasatynda marketing babatdaky tehnologiýalary giňden ulanmagy talap edýär. Hormatly Prezidentimiziň geçirýän Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde bu ugur bilen baglanyşykly wezipeleri amala aşyrmakda her bir ministrligiň, her bir pudagyň öňünde anyk wezipeleri goýýar.

Marketing – bu sarp edijileriň isleglerini göz öňünde tutup, bazarda satyljak önümi öndürmek we ýerlemek arkaly girdeji gazanmakdyr [3, 9 s.]. Marketingiň birinji elementi bolup alyjylaryň isleglerini öwrenmek bolup durýar, munuň üçin marketing maglumatlar ulgamy döredilýär we marketing derňewleri geçirilýär. Ýurdumyzyň bazarynda paýynyň artmagy bilen bir hatarda, telekeçilik täze marketing çemeleşmelerini işjeň özleşdirýär, ýarmarka-sergi we işewürlik işlerine işjeň gatnaşýar, daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürýär.

Şu ýerde marketingiň zerurlyklary barada durup geçmek ýerlikli bolar. Marketing – bu:

– *birinjiden*, jemgyýetde bar bolan islendik zähmeti öz häsiýeti boýunça öndüriji we peýdaly etmek;

– *ikinjiden*, ykdysadyýetimizi milli özboluşly aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup dolandyrmak;

– *üçünjiden*, önümçilik kärhanalarymyzy özbaşdak etmek arkaly ilatyň isleglerine laýyklykda önümleri öndürmek;

– *dördünjiden*, bazary doly öwrenip, şoňa laýyklykda önümçiligi ýola goýmak üçin zerurdyr.

Döwletiň ykdysady syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri hem işewürligi ösdürmek üçin has oňaýly şertleri döretmekden ybaratdyr. Döwlet ýurduň ykdysady taýdan durnukly ösmegini üpjün etmäge ukyply telekeçilik işine uly gyzyklanma bildirýär. Işewürlik bolsa telekeçileriň netijeli işlemegi üçin amatly şertleri, bazar gatnaşyklarynyň ösdürilmegi üçin oňaýly mümkinçilikleri döretmäge ukyplydyr hem-de ykdysady taýdan durnukly we kuwwatly döwlete mätäçdir. Marketingi ösdürmegiň çäklerinde menejeriň orny hem aýgytlaýjydyr. Menejerlik – bu kärhananyň içerki mümkinçiliklerini ulanmagyň esasynda, öňde goýlan maksatlara ýetmeklige gönükdirilen, kärhanany dolandyrmagyň ýörelgeleriniň we usullarynyň jemidir. Has giň manyda, menejerlige ykdysadyýeti dolandyrmagyň usullarynyň we ýörelgeleriniň jemi hökmünde-de garalýar. Telekeçilik işiniň önümçilik tapgyrynda önümçilik mümkinçiliklerini netijeli guramagyň hötdesinden gelýän iş dolandyryjylaryň ähmiýeti örän uludyr. Menejerler marketing ugry boýunça bazaryň toplumlaýyn öwrenilmegine we onuň hadysalarynyň düýpli seljerilmegine hem-de girdeji almak maksady bilen oňa täsir etmeklige esaslanýan marketing derňewleri geçirmeldir.

Häzirki döwürde marketingiň öňünde durýan wezipeler hem-de şol wezipeleri durmuşa geçirmekde elýeterli, marketing-menejment ulgamynyň her bir düzüm bölegi alyjylyk gymmatlygyny döretmäge öz goşandyny goşýar. Şol sebäpli-de bazarda alyjynyň islegini netijeli kanagatlandyrylmagyny, kärhananyň ähli düzüm bölekleriň sazlaşykly we bir ugra gönükdirilen ýagdaýda hereket etmeginiň esasynda gazanmak mümkindir. Häzirki döwürde bazar işjeňligiň islendik görnüşini üstünlikli alyp barmak üçin, amala aşyrylmaly anyk hereketleriň tertipli yzygiderliligini, ahyrky gazanylmaly netijäni aýdyň kesgitleýän meýilnamasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Edil şonuň ýaly, telekeçilik işinde hem, gelejekde ýerine ýetirilmeli işleriň hemmetaraplaýyn öwrenilmegine esaslanýan we takyk kesgitlenen hereketleri hem maksatlary özünde jemleýän telekeçilik meýilnamanyň çäginde marketingiň derňewleriň netijesiniň ulanylmagy üstünliginiň binýatlaýyn esasy bolup hyzmat edýär [2, 76 s.].

“Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny” durmuşa geçirmekde işewür düzümleriň ugry boýunça hyzmatdaşlyga möhüm orun berilýär. Ýurdumyzda telekeçilik ulgamy ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda işjeňlik görkezýär. Döwlet tarapyndan hususy ulgamyň höweslendirilmegi önümçilik ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyny kompaniýalaryň hem-de hususy kärhanalaryň innowasion işini, ýerli çig malyň esasynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleriň döredilmegini göz öňünde tutýar. Häzirki wagtda türkmen

telekeçileri daşary ýurtlara iberilýän ýokary hilli önümleriň möçberini artdyrýarlar we görnüşlerini giňeldýärler. Hususy kärhanalar bazaryň täze ugurlaryny ynamly özleşdirýärler, daşary ýurt bazarlarynda eýeleýän ornuny berkidýärler. Bu gün olar üstünlikli bäsdeşlik etmäge ukyply. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, telekeçiligi ösdürmek milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny we netijeliligini ýokarlandyrmagyň hem-de eksport kuwwatyny giňeltmegiň has netijeli ýoludyr. Şunuň bilen baglylykda, oýlanyşykly, ylmy taýdan esaslandyrylan marketingiň, üýtgäp durýan islegleri nazara almak arkaly, Diýarymyzyň çeýe eksport syýasatyny kemala getirmek üçin dünýä bazarynyň ýagdaýyny, sebitdäki we tutuş dünýädäki ýagdaýlary yzygiderli seljermek zerur bolup durýar. Bu ugurda telekeçiler daşary ýurtlaryň işewür toparlary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda hem netijeli hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda birnäçe işleri alyp barýarlar.

**EDEBIÝAT**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Abadançylygyň röwşen gadamlary. – A.: TDNG, 2022.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. XV tom. – A.: TDNG, 2022.
3. *Ataýew Ç., Hojanazarowa S., Kadyrowa K., Sarygulow D*. Marketing I. – A., 2013.



**Gülzar Aşirowa,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*


## ABŞ-NYŇ DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE TUTÝAN ORNY WE TÜRKMEN-AMERIKAN GATNAŞYKLARY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iň ýokary döwlet wezipesine girişmek dabarasynda sözlän sözünde: “Biz dünýäniň ähli ýurtlary we halklary üçin açykdyrys. Olar bilen söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlarynda gatnaşyklary geljekde-de ösdürmegi maksat edinýäris” diýmek bilen, ýurdumyzyň dünýä döwletleridir abraýly halkara guramalary bilen ýola goýlan gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmagy daşary syýasatymyzyň strategik wezipesi hökmünde kesgitledi. Bu babatda Demirgazyk Amerika yklymynyň kuwwatly ýurdy hasaplanýan Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen hyzmatdaşlyga-da aýratyn orun degişlidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen deňhukukly hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy üstünlikli amala aşyrýar. Birleşen Milletler Guramasynyň işjeň agzalarynyň biri bolan Türkmenistan dünýä döwletleri bilen ykdysadyýet, durmuş, daşky gurşawy goramak, ylym, bilim, medeni we beýleki ugurlarda umumadamzat